# Bagym…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bagym… BAGYM

Ösüp ötyr, penjirämiñ öñünde,
Gollaryn ýaýradyp, owadan bagym.
Men şeýle bir gözel dünýäni görýän,
Penjirämden dünýä sereden çagym.

Ýapraklaryn çalşyp pasylma-pasyl,
Ol nur saçyp otyr, meniñ dünýäme.
Ýaz ýaşyl ýapraga bürese seni,
Güýzde bagym, sary donuñ geýýäñä.

Sarymy ýa ýaşyl donly parhy ýok,
Seniñ bilen gözel meniñ penjiräm.
Gije bolsa asmandaky nurly aý,
Bezeg berýär gözün süzüp, eljiräp.

Täze jaýa, täze haly düşedim,
Has görküne geldi, öýümiñ içi.
Goñşylarym gutlap, täze halymy,
Penjiräñe daksañ owadan tuty.

Diýdiler,señ öýüñ galmazdy kemi,
Penjiräme neçüýn dakaýyn ortük.
Penjiräme dakyp owadan örtük,
Bilmen gözelligiñ, üstüni örtüp.

Goý, goñşylar dakybersin penjirä,
Owadan matadan, owadan tuty.
Men bolsa galaýyn öz bagym bilen,
Şoñ bilen has gözel öýümiñ içi.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA Goşgular